# «Ody özüňe basmak…»

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ody özüňe basmak…" “ODY ÖZÜŇE BASMAK…”



Nemes akyldarlary, sosiolog-filosoflar we marksistler Adorno, Horkhaýmer, Markuze, Fromm, Neuman, Habermas…
Olar marksizme täzeden aň etmek maksady bilen “Frankfurt mekdebini” (Jemgyýetçilik ylmy-barlag institutyny) gurdular.
Mekdebiň esasy ugry şudy:
Nemes işçileri sosialaistik rewolýusiýa bilen özlerini erkinleşdirmegiň ýerine nämüçin nasizmiň özüneçekijiligine aldanyp, gitlerçi faşizme boýun boldy?
Frankfurt mekdebine görä düýp sebäp – “zähmet fetişizmi”-“zähmet fetişleşdirmesi” edip, medeniýeti we beýleki täsirleri görmezlige salmakdy! Ýagny marksizmi täzeden üýtgedip gurmak gerekdi:
– Kapitalizm indi sa:p önümçilik stili bolmakdan çykyp, şol bir wagtyň özünde köpçülikleýin medeniýeti we transporty bilen, tehnologiýasy we dürli jemgyýetçilik synag formalary bilen proletariatyň uçran eksplutasiýasynyň agressiýasyny örtýän sistema öwrüldi…
Şol ýyllardan biziň günlerimize çenli işçiler synpynyň Germaniýada tüm-garaňky gijelere nähili garawulçylyk edendigi – sadimazohistik hyýaly lapykeçiligi döredendiginiň şindizem

jedeli edilýär…
Sözümiň bissimillasyny nämüçin beýle intellektual giriş bilen başladym:
* * *

Faşist Netanýahunyň Ýakyn Gündogary gana çaýkamagy şu hakykaty orta çykardy: Günbataryň aň-düşünje taýdan ölendigi belli boldy. Gapdaldan syn etmek beýlede dursun, olar tutynyň aşyrsyndan sionistlere her dürli goldawy berýärler. Faşist Gitlere goldaw berişleri ýaly, ýene öz gabyrlaryny özleri gazýar!
Munuň üstünde durup geçmekden ötri şuňa ünsüňizi çekmegiň gerekdigini pikir edýärin: Yslam dünýäsi-yslamçylyk nämüçin bölek-büçek? Şu soragy-de berip bileris: Araplar nämüçin dyr-pytrak halda?
Palestinany Azat-ediş guramasy (PAEG) 1964-nji ýylda gurlanda, guramanyň düzüminde nasionalistler, yslamçylar, sosialistler… hemmeler bardy. Hemmesi bir bolup göreşýärdi.
Häzir olar dyr-pytrak edildi. Faşist Netanýahu bu pytraňňylykdan peýdalanyp, guramanyň ýolbaşçylaryny ýekän-ýekän öldürýär: (Deniz Gezmişiň harby tälim almak üçin giden) Palestin Halk Halas-ediş frontynyň (PHHEF) ýolbaşçysy Muhammet Abdel Al, “Hizbullagyň” başlygy şaýy Hasan Nasrallah, “Hamasyň” başlygy Ismail Haniýe…
Ýagdaý şeýle bolýan bolsa, şu soragy batyrgaýlyk bilen orta atmaly bolýarys:
PAEG-nyň dargamagynyň sebäbi näme? Özem onuň dargamagy yslam-arap bileleşigininiňem dargamagyna sebäp boldy…

* * *

Syýasy yslama lupa tutup seretmeli bolýarys. Öňki makalalarymyň birinde yslam dünýäsindäki 1979-njy ýylyň öwrülişiklerini ýazypdym: Eýran rewolýusiýasy we Käbäniň basylyp alynmagy…. Biri “Hizbullahy”, beýlekisi “Hamasy” dünýä inderdi. Syýasy yslam segseninji ýyllarda palestin göreşini ikä böldi.
Patenti ABŞ-nyň MRU-ne degişli “pozitiw yslam” maksatnamasy

togsanynjy ýylda bölünişikleri hasam güýçlendirdi.
Bölünişikler mezhep oňşuksyzlyklaryny ulaltdy. Meselem:
Saud-wahhaby garaýşy bilen “ýetişdirilen” “Hamasyň” başlygy sünni Haniýä ýas tutup, “Hizbullahyň” lideri Nasrallah üçin häkimiýet ekranlarda “gowy boldy” diýen ýaly hereket etdi.
Erdoganyň häkimiýeti Nasrallahyň adyny agzamazdan Liwana gynanç bildiren bolsa, iki aý mundan öň Haniýe üçin ýas yglan edipdi. Imperializmiň “agzyny alart-da, höküm sür” strategiýasyny ýatdan çykarana meňzeýärler…
Faşist Netanýahunyň böreň-böreň gan akdyrmagynda syýasy yslamçylygyň-pozitiw yslam maksatnamasynyň goşandyny gözden salyp bolmaz.
Sözümiziň başyndaky soraga gaýdyp geler bolsak: Germaniýada sosialistik rewolýusiýanyň ýerine nämüçin faşizm häkimiýet başyna geldi?
Gitler häkimiýet başyna gelmezden öň 1932-nji ýylyň 6-njy noýabrynda saýlawlardaky ses derejesi 37.2%-di. Muňa garşylyklaýyn işçiler synpy-da ikä bölünipdi. Sosial-demokratlaryň sesi 21.5% bolsa, kommunistleriň sesi 14.35-e ýetýärdi. Mejlisde halk deputatlarynyň umumy sanynda Gitleriňki 196 bolsa, beýleki iki partiýaňky jemi 221-e ýetýärdi!
Hawa, soňky saýlawda Gitleri häkimiýete sosial-demokratlardyr kommunistleriň özara oňşuksyzlygy getirdi.
Ynha… Haniýe-Nasrallah teraktlary boýunça häzirki çapraz çemeleşmeler, agzala bölünişikler faşist Netanýahuny hasam güýçlendirýär.
Homeýni 1979-njy ýylda ýanyna gelen PAEG-nyň başlygy Ýaser Aarafata “gel, bize goşul” diýende, ilkinji bölünişigiň tohumlary atylyp başlandy!

Soner ÝALÇYN!

“SÖZCÜ” gazeti, 01.10.2024 ý. Publisistika